# Jaýryk meñzeşligi

Category: Kitapcy,Publisisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Jaýryk meñzeşligi JAÝRYK MEÑZEŞLIGI




ABŞ-nyñ San-Fransisko şäherinde 1937-nji ýylda ulanylmaga berilen «Golden Gate» köprüsi Stambulyñ «Boğaziçi» (soñ «15-nji iýul şehitleri») köprüsine meñzedilýär…
Köpri adyny «Golden Gate» bogazyndan alýar. Umuman alanda, San-Fransisko şäheri, baýyrdyr-depeleri bilen ekerançylyk raýony Salinas hem Stambula meñzedilýär…
Köpriniñ geñeşçileriniñ biri şotland-kanadaly Endrýu Lousondy. Berkli uniwersitetiniñ professory Louson 1895-nji ýylda adyny jülgedäki kiçijik kölden alýan San-Andreas jaýrygyny (razlomyny) kesgitlän we atlandyran ilkinji geologdy…
1906-njy ýylyñ 18-nji apreli. Sagat 05:12.
San-Fransiskonyñam ýerleşen Kaliforniýa ştatynyñ demirgazygynda sekiz km çuñlukdaky San-Andreas jaýrygynyñ döwülmegi bilen takmynan 7.9 ballyk ýer yranmasy bolup geçdi. 42 sekunt dowam eden sarsgynda şäheriñ 80%-i ýykyldy. Jaýlaryñ ýeke gatly bolmagy adam pidalaryny azaltdy, üç müñden gowrak adam öldi.




*ABŞ-nyñ San-Fransisko şäherindäki «Golden Gate» köprüsi*
Kyrk müñden gowrak adam «Golden Gate» parkyndaky çalamydar

gurlan çadyrlara ýerleşdirildi. Şonça adamam şäherden göçdi. Zyýan 2022-nji ýylyñ dollar kursundan uranda 9.23 milliard dollara ýetipdi…
Ölenleriñ sany häzire çenli Kaliforniýanyñ taryhynda bolup geçen tebigy betbagtlyk bilen baglanyşykly iñ uly adam ýitgisi görkezijisi bolmagynda galýar.
Ýer yranmasynyñ Stambuly gyzyklandyrýan başga tarapy bar:

* * *

Professor Endrýu Louson 1906-njy ýylyñ ýer titremesinden soñ San-Andreas jaýrygy boýunça alyp barýan ylmy-barlag işlerini güýçlendirdi. Jaýrygyñ Kaliforniýanyñ günortasyna çenli uzaýandygy netijesine geldi.




*Endrýu Louson*
Stambulyñ 20 km çemesi günortasyna çenli uzaýan Demirgazyk Anadoly jaýrygynyñ (meñzeş uzynlyklara we opurylma derejelerine eýe kontinental meýdan ýaly) köp babatda San-Andreas jaýrygyna meñzeýändigini anyklady! (Mermer göni atymly sistemadaky erkin düýrükmäniñ çek-aýyr deltasyny emele

getirýän Kaliforniýadaky Salton çöketligine meňzeýärdi).
Ýagny, Stambul bilen San-Fransisko ýer astyndanam biri-birine meňzeýär…
Özem Stambul ýaly San-Fransiskonyň taryhynda-da soňky iki asyryň dowamynda 76 gezek ýer titredi…
Mysal üçin:
1957-nji ýylyň 22-nji martynda San-Fransiskoda ýer yrananda bary-ýogy bir adam öldi, kyrk adam ýaralandy. Sebäbi olar şäheri ýer sarsgynyna çydamly edip gurupdylar.




1989-njy ýylyň 17-nji oktýabrynda Kaliforniýa ştatynyň Santa-Kruz şäheriniň golaýynda bolup geçen ýer sarsgyny 57 adamyň ölümine sebäp boldy. (Iň köp adam pidasy 42 – olam Nimitz gara ýolunyň üstündäki wiaduganyň çökendigi sebäpli boldy). Bu ýer sarsgyny San San-Andreas jaýrygynyň sepleşiginde egri atymly ters jaýrykdan gelip çykýardy! Munuň özi garaşylmadyk zatdy. Ýogsam bolmasa dünýädäki iň köp ylmy-barlag işleri bu jaýrygyň üstünde geçirilipdi!
Uzatmaýyn San-Andreas jaýrygy iň soňky gezek 2022-nji ýylyň 20-nji dekabrynda döwüldi, 8 ballyk ýer sarsgynynda iki adam öldi, 47 adam ýaralandy!




* * *

Bize dolanyp geler bolsak:

San-Andreas jaýrygyna meňzeş Demirgazyk Anadoly jaýrygynda uly ýer yranmalarynyň bolýandygyny, megerem, indi bilmeýän ýok bolsa gerek. Adam pidaly ýer yranmalarynyň birnäçesinden mysal bereýin:

1939-njy ýyl, Erzinjanda 32 müň 968;

1942-nji ýyl, Niksar-Erbaada 3 müň;

1943-njj ýyl, Tosýa-Ladikde 2 müň 824;

1944-nji ýyl, Bolu-Gerede 3 müň 959;

1966-njy ýyl, Wartoda 2 müň 394;

1999-njy ýyl, Marmarada 18 müň 373 öli…

Jemlär bolsam;

San-Fransisko bir meselede Stambula-Türkiýä meňzemeýär – ýer yranmasyna taýýarlykda! Amerikanlar ýer sarsgynynyň täsirini iň pes ýitgä düşürmek üçin uzak ýyllaryň dowamynda işläp gelýär, ýekebara, guramaçykykly we köpçülikleýin derejede öňe saýlanyp, bir topar öňüni alyş çärelerini geçirýär. Çünki:

ABŞ-nyň Geologiýa ylmy-barlaglary institutynyň berýän

maglumatyna görä, San-Andreas jaýrygynyň bir ýerlerinde öňümizdäki 20 ýylyň içinde 8.0 balla ýetjek ýa-da ondanam uly ýer sarsgynynyň emele gelme ähtimallygy bar!
A biz?
Gowsy ýazmaýyn-la, biziň adamkärçiligimiz harabalykdan enaýy däl.

Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 15.03.2023 ý. Publisistika